THE ASHGABAT TIMES

# Garagum derýasynda suw akymyny ölçemek üçin awtomatik ulgam işe girizildi

Suw akymyny ölçemek üçin awtomatlaşdyrylan ulgam Garagum derýasynyň kenarynda işe girizildi.

Bu başlangyç Türkmenistanyň Suw baýlyklary baradaky Döwlet komiteti bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara ösüş gullugy (USAID) tarapyndan geçirildi.

Ulgam «Bosfor» ýaşlar merkezi tarapyndan «Garagumderýasuwhojalyk» birleşigi bilen guruldy.

Netijeli gural bolmak bilen, bu ulgam oba hojalygy, agyz suwy we senagaty üçin suw paýlanyşyny has takyk meýilleşdirmäge mümkinçilik berer.

Maglumatlar bu ulgamyň programma üpjünçiliginde ýazga alnar we hakyky wagtda elýeterli bolar.

Bu maglumatlaryň kömegi bilen daýhanlar tarapyndan sarp edilýän suw barada doly maglumat alar we hasylyň amatly ösmegi üçin zerur mukdary hasaplamak ukybyna eýe bolar, beýleki suw ulanyjylary bolsa has durnukly we täsirli suw üpjünçiliginden peýdalanarlar.

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024